# Görnükli fransuz çagalar ýazyjylary

Category: Çagalar edebiýaty,Hekaýalar,Kitapcy,Psihologiýa,Türkmen dili
написано kitapcy | 25 января, 2025

Görnükli fransuz çagalar ýazyjylary GÖRNÜKLI FRANSUZ ÇAGALAR ÝAZYJYLARY



Rene Gossini



Žan Žak Sempe

kitapcy.com

Siz Parižiň islendik kitap dükanyna girseňiz, onuň tekjelerinde Nikola atly oglanjyk hakyndaky kitaplaryň iň bolmanda birini hökman görersiňiz. Nikola hakyndaky hekaýalar geçen asyryň 50-nji ýyllaryndan okyjylara ýetirilip başlanýar. Ondan bäri 70 ýyla golaý wagt geçse-de, fransuz çagalarydyr ýetginjekleri Nikola hakyndaky gülküli hekaýalary häli-häzirem hezil edip okaýarlar. Çagalaryň söýgüli gahrymany kiçijik Nikolanyň «dünýä inmeginde» meşhur ýazyjy Rene Gossininiň hem-

de birnäçe gülküli suratlaryň awtory, ussat suratkeş Žan Žak Sempäniň hyzmaty örän uly.
Meşhur terjimeçileriň ýardamy bilen bolsa Nikola dünýäniň 37 dilinde «gürledi».
Awtorlaryň aşa synçydygyny, çaga psihologiýasyna çuň aralaşyp bilendigini, çaga durmuşyna örän beletdigini hem-de onuň iň gülküli taraplaryny saýlamagy başarandygyny diňe bir hekaýalaryň mazmunynda, beýan edilişinde däl, eýsem, onuň suratlarynda hem aýdyň görmek bolýar. Hekaýalaryň teksti hem-de suratlary biri-biri bilen berk baglanyşykly. Ussatlaryň ikisi hem özboluşly çeper täri tapypdyrlar.
Adam islendik ýaşda hem çagalygyny küýseýär, oňa dolanasy gelýär. Ine, şonuň üçinem her bir adam kiçijik Nikola hakyndaky hekaýalary okasa, aýratyn hem, çagalaryna okap berse, bir pursatlygam bolsa çagalygyna dolanyp bilerler.
Fransuz okuwçylarynyň durmuşy biziň okuwçylarymyzyňkydan az-kem tapawutlanýar. Şeýle-de bolsa, siz bu gülküli hekaýalaryň üsti bilen olaryň mekdep durmuşy, çagalaryň özara gatnaşyklary, ene-atalary, ulular bilen gatnaşyklary dogrusynda tanşyp bilersiňiz.
Ussat fransuz ýazyjysy, ençeme gülküli eserleriň awtory Rene Gossininiň hem-de meşhur suratkeş hem ýazyjy Žan Žak Sempäniň Nikola hakyndaky hekaýalary türkmen diline ilkinji gezek terjime edilýär. Kiçijik Nikola hakyndaky hekaýalary, Nikolany we onuň dostlaryny öz ata watanynda – Fransiýada söýlüşi ýaly, türkmen okyjylary hem gyzgyn garşylarlar diýip umyt edýäris.

**Rene GOSSINI**

Fransuz ýazyjysy Rene Gossini 1926-njy ýylyň 14-nji awgustynda asly ýewreý maşgalada dünýä inýär. Rene iki ýaşyndaka, onuň maşgalasy kakasynyň işi bilen bagly Argentina göçýär. Ýazyjy ol ýerdäki fransuz mekdebinde bilim alýar.
Rene ýaňy mekdebi tamamlan wagty kakasy aradan çykyp, maşgalanyň keşigi onuň üstüne düşýär. Ol ejesi bilen garyndaşlarynyň ýanyna Nýu-Ýorka göçmeli bolýarlar. Ýaňy mekdebi tamamlan ýetginjek hasapçy, mahabat şereketinde suratkeşiň kömekçisi ýaly işlerde işleýär.
Irginsiz zähmetiň netijesinde, ol öz işlerini doly ýola goýmagy başarýar. Şol ýyllarda ol «Kunen Publishers» atly kiçeňräk neşirýatyň esasy suratkeşi bolup, oňa meşhur komik

ýazyjylar bilen işleşmek bagty miýesser edýär.
Soňlugy bilen, onuň özi gülküli hekaýalary ýazyp, çagalar üçin niýetlenen fransuz žurnallarynda çykyp başlaýar. Oňa uly şöhrat getiren eseri suratkeş hem ýazyjy Žan Žak Sempe bilen bilelikde ýazan Nikola atly oglanjyk hakyndaky hekaýalarydyr.
Bu hekaýalar dürli ýyllarda «Kiçijik Nikola» (1960), «Kiçijik Nikola arakesmede» (1961), «Kiçijik Nikola dynç alyşda» (1962), «Kiçijik Nikola we onuň dostlary» (1963), «Nikolanyň basdaşlary» (1964, bu ýygyndy «Žoakimiň basdaşlary» ady bilenem neşir edildi) ýaly birnäçe ýygyndyda okyjylara ýetirilýär. 1959-njy ýylda «Pilote» atly täze žurnal döredilýär.
Rene Gossini onuň ilkinji sany üçin meşhur «Asteriks bilen Obeliks» atly köp bölümli komediýasyny ýazyp başlaýar. Rene Gossini 51 ýaşynda 1977-nji ýylda aradan çykýar. 1996-njy ýylda Gossini adyndaky halkara baýrak döredilip, her ýyl ýaş komiks ýazarlaryň iň gowularyna gowşurylýar.

## Žak SEMPE

Fransuz suratkeşi karikaturaçysy, ýazyjy Žan Žak Sempe 1932-nji ýylyň 17-nji awgustynda Bordo şäherinde dünýä inýär. Çagalykdan eklenç başyna düşýär. Ol entek 18 ýaşyny doldurmanka, gezme söwda agenti, eltip beriji, şertnama boýunça harby gullukçy ýaly işlerde işleýär.
1952-nji ýylda ol Parižе göçüp gelýär. Ol ýerde Rene Gossini bilen tanyşýar, ýaş suratkeşleriň bäşleşiklerine gatnaşyp, birnäçe abraýly baýraklara mynasyp bolýar.
Birnäçe gezek «The New Yorker» žurnalynyň bezeg işlerini edýär. Uzak ýyllaryň dowamynda «Paris Match» neşirinde ýörite komiksli sahypany taýýarlaýar.
Ýazyjy: «Hekaýalaryň wakalaryny tapýan we ýazýan Rene, men ony suratlar bilen bezeýärin» diýse-de, hekaýalary ýazmaga-da gatnaşýar. 1977-nji ýylda Rene Gossini aradan çykan soň bolsa, hekaýalary ýeke özi dowam etmeli bolýar. Žan Žak Sempe Fransiýada uly abraýdan peýdalanýar. Dürli ýyllarda onuň şahsy sergisi yzygiderli gurnaldy.

**Fransuz dilinden terjime eden: Merjen PÜRJÄÝEWA**

*“Dünýä edebiýaty” žurnaly, 2021, 6-njy sany. 20-24 sah.*
Çagalar edebiýaty